CENTRAL ASIAN JOURNAL OF MULTIDISCIPLINARY RESEARCH AND MANAGEMENT STUDIES

Volume 3, Issue 2 February 2026




# NURMUHAMMET ANDALYP ÖMRI, DÖREDIJILIGI WE DESSANÇYLYK AÝRATYNLYGY

**Haýtbaýew Awazbek Aýbek ogly**

**Ajiniýaz adyndaky Nöküs döwlet pedagogika instituty Filologiýa fakulteti Türkmen dili we edebiýaty ýönelişi 2-D kurs talyby**

https://doi.org/10.5281/zenodo.18811430

**ARTICLE INFO**

Received: 13th February 2026
Accepted: 15th February 2026
Published: 28th February 2026

**KEYWORDS**

*Dessan, tahmys, nusgawy edebiýat, sýužet, poema, gazal, golýazma, çeperçilik tär, Gündogar edebiýaty, rowaýat.*

**ABSTRACT**

*Bu makalada türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Nurmuhammet Andalybyň ömri we döredijiligi ylmy taýdan seljerilýär. Şahyryň dessançylyk ukyby, Gündogar edebiýatynyň täsiri hem-de onuň "Nesimi", "Leýli-Mejnun", "Ýusup-Züleýha" ýaly eserleriniň çeperçilik aýratynlyklary giňişleýin beýan edilýär. Şeýle hem Andalybyň türkmen edebiýatyndaky taryhy orny we häzirki döwürde onuň mirasynyň ähmiýeti açylyp görkezilýär.*

Türkmen halkynyň baý ruhy we medeni mirasynda nusgawy şahyrlaryň döredijiligi aýratyn orun eýeleýär. Şol beýik şahsyýetleriň biri hem XVIII asyr türkmen edebiýatynyň görnükli wekili Nurmuhammet Andalypdyr. Andalyp diňe bir şahyr bolman, eýsem dessançylyk däbini ösdürip, ony täze derejä çykaryp bilen döredijidir. Onuň eserleri türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklaryny, ahlak ýörelgelerini we ynsanperwerlik pikirlerini özünde jemleýär. Bu makalada Andalybyň döredijilik aýratynlyklary, Gündogar edebiýatynyň täsiri hem-de onuň türkmen edebiýatyndaky hyzmatlary seljerilýär. Andalybyň takmynan XVIII asyrda ýaşap geçendigi, onuň Gül atly bir gyza aşyk bolandygy, şony söýendigi, şonuň yşkynda sergezdançylyk çekendigi üçin özüne Andalyp (Bilbil) lakamyny alandygy barada habar berýärler.

Nurmuhammet Andalyp türkmen nusgawy edebiýatynyň iň köp dessan döreden şahyrlarynyň biridir. Onuň ady ilkinji nobatda dessançy şahyr hökmünde tanalýar.

Andalyp "Leýli-Mejnun", "Ýusup-Züleýha", "Babaröwşen", "Zeýnelarap", "Sagdy-Wakga" ýaly dessanlary bilen giň meşhurlyk gazanypdyr. Şeýle hem ol "Oguznama" hem-de "Nesimi" poemalaryny döredipdir.

Andalyp "Zeýnelarap" dessanynyň girişinde özüniň söýünhan

neslindendigini aýdyp geçýär:

Andalyby kylma ýolda muztaryp.

Jenneti-ryzwany eýleýe nesip.

Ýagşylara hormat eýleýe Garyp,

Söýünhan öwlady iliden bolur.

Şahyr “Nesimi” atly poemasynda we “Ýusup-Züleýha” dessanynyň girişinde bolsa, Şirgazy han zamanynda Ürgenç welaýatynyň Garamazy obasynda doglandygy we şol ýerde ýaşandygy, çyn adynyň Nurmuhammet bolup, Garyp, Andalyp diýen tahalluslary alandygy barada maglumat berýär:

Ismim idi Nurmuhammet Garyp,

Sözde tahallusym idi Andalyp.

Şährimiz Ürgenç welaýat idi,

Hanymyz Şirgazy hemaýat idi.

Asly mekanym ki Garamazydyr,

Adamy eşretde gyş-u ýazydyr.

Onuň “Nesimi” poemasy aýratyn ähmiýete eýedir. Eserde Seýit Nesiminiň keşbi diwana, hakykat ugrunda göreşýän şahsyýet hökmünde görkezilýär. Andalyp Nesimi baradaky rowaýatlary türki dilinde täze çeper röwüşde beýan edipdir. Bu ýerde terjime däl-de, döredijilikli çemeleşme möhüm orun tutýar.

Andalyp öz döwrüniň dürli ylymlary bilen gyzyklanypdyr. Ol Gündogaryň taryhyny, pelsepesini, edebiýatyny, şeýle hem arap, pars dillerini gowy bilipdir. Bu ylymlardan oňat baş çykaryp bilendigini şahyryň eserlerinde ýöredilýän pikirler doly kepillendirýär. Şahyr oguz taryhy, oguz medeniýeti bilen has-da içgin gyzyklanypdyr. Ol ýitip gidipdir diýlip çak edilýän oguz elipbiýini öwrenmek, ony dikeltmek barada aladalanypdyr.

Şahyr  Gündogaryň görnükli söz ussatlary Abylkasym Firdöwsiniň, Nyzamy Genjewiniň, Ymadeddin Nesiminiň, Omar Haýýamyň, Alyşir Nowaýynyň, Abdyrahman Jamynyň we beýlekileriň edebi mirasyny ymykly özleşdiripdir. Şahyr olara uly hormat goýupdyr we olary özüniň halypalary hasaplapdyr. Şahyr terjimeçilik işi bilen-de içgin meşgullanypdyr. Bize belli bolşuna görä, Hywa edebi kowçumynda geçmişde arap, pars we beýleki dillerden çeper eserleri, ylmy kitaplary terjime etmek işi alnyp barlypdyr. Bu ugurdan ençeme görnükli alymlar, şahyrlar ýetişipdir. Andalyp bu ýörelgä eýerip, birnäçe eserleri türkmen diline geçiripdir. Ol Ymadeddin Nesiminiň arap dilindäki birnäçe şygyrlaryny, XI–XII asyrlarda ýaşap geçen Ahmet Jamynyň goşgularyny, şeýle hem “Mürze Hemdem” atly halk döredijilik eserini pars dilinden türkmen diline terjime edipdir. Türkmen edebiýatynyň taryhynda Andalypdan başga-da terjimeçilik işi bilen meşgullanan şahyrlar bolupdyr. Mysal üçin, Nowaýynyň gazallaryna tahmys ýazmak arkaly Andalyp türkmen edebiýatynda täze bir çeperçilik ýoluny esaslandyrypdyr. Tahmys ýazmak — belli bir gazalyň her bendine goşmaça setirler goşup, onuň mazmunyny ösdürmekdir. Bu usul soňraky nusgawy şahyrlara hem täsir edipdir.

Andalybyň döredijiliginde gahrymanlaryň häsiýet birligi aýratyn üns çekýär. Mysal üçin, Nesimi bilen Mejnunyň obrazlarynda ruhy taýdan meňzeşlik bar. Olar ikisi hem öz maksady ugrunda göreşýän, çöllerde-sähralarda gezýän, jemgyýet tarapyndan düşünilmeýän gahrymanlar hökmünde görkezilýär. Bu ýagdaý Andalybyň çeperçilik ussatlygynyň beýanydyr. Ol gahrymanlaryny diňe bir söýgi ýa-da dini garaýyş bilen däl, eýsem ynsanperwerlik we wepalylyk ýaly umumadamzat gymmatlyklary arkaly suratlandyrýar.

Andalyp gün-güzeranyny dolandyrmak üçin, ekerançylyk işleri bilen meşgullanypdyr. Ol daýhan adam bolupdyr.Şahyryň maşgala durmuşy, meşgullanan kesbi-käri, onuň nebereleriniň kimlerdigi, nirede ýaşandyklary barada hiç hili maglumat ýok. Bu bolsa onuň edebi mirasynyň doly we dogry öwrenilmeginde belli bir derejede kynçylyk döredýär.

Andalybyň döwürdeşleri Şabende, Magrupy, Şeýdaýy, Magtymguly we beýlekiler bilen gatnaşykda bolan bolmagy mümkin. Ýöne şol gatnaşyklar barada hiç hili maglumat saklanyp galmandyr. XIX asyr türkmen nusgawy edebiýatynyň wekilleriniň Andalyby ýakyndan tanandygy, onuň edebi mirasy bilen ýakyndan tanyş bolandygy belli zat. Sebäbi şahyryň eserleri, ylaýta-da "Leýli-Mejnun" hem "Ýusup-Züleýha" dessanlary halk arasynda giňden ýaýrapdyr. Onuň edebi mirasy bilen öz döwürdeş we özünden soňky birnäçe garagalpak, özbek, täjik we beýleki halklaryň şahyrlary ýakyndan gyzyklanypdyrlar. Muhlysy we Munis Andalybyň gazaly esasynda tahmys ýazan bolsa, Zakyrjan Furkat özüniň "Saýdyň goýber, saýýat" atly müseddesini onuň täsiri bilen döredipdir.

Sowet döwründe Andalybyň käbir dessanlaryna birtaraplaýyn ideologik nukdaýnazardan garalypdyr. Dini äheňleriň bardygy sebäpli, "Babaröwşen" we "Zeýnelarap" ýaly eserler giňden öwrenilmändir. Şeýle-de bolsa, olaryň köp sanly golýazma nusgalarynyň saklanyp galmagy bu eserleriň halk arasynda giň ýaýranynyň subutnamasydyr.

Häzirki wagtda täze Galkynyş döwründe Andalybyň döredijiligine täzeden ylmy baha bermek üçin giň mümkinçilikler bar.

Nurmuhammet Andalyp türkmen nusgawy edebiýatynyň beýik wekilleriniň biridir. Ol dessançylyk däbini ösdürip, dünýä edebiýatynda belli sýužetleri türkmen halkynyň ruhuna laýyklykda täzeçe beýan edipdir. Onuň döredijiliginde ynsanperwerlik, wepalylyk, hakykata ygrarlylyk ýaly gymmatlyklar öňe sürülýär.

Andalybyň edebi mirasy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem umumadamzat medeni mirasynyň gymmatly bölegidir. Şahyryň döredijiligini täzeçe ylmy esasda öwrenmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biridir. Şahyr türkmen nusgawy edebiýatynyň ösüşinde möhüm orun eýeleýän beýik şahsyýetdir. Ol diňe bir dessançy hökmünde däl, eýsem milli edebi pikirlenmäniň ösdürilmegine uly goşant goşan döredijidir. Andalyp dünýä edebiýatynda giňden ýaýran sýužetleri türkmen halkynyň ruhuna laýyklykda täzeçe beýan edip, olary milli medeni mirasyň aýrylmaz bölegine öwrüpdir. Onuň döredijiliginde çeperçilik ussatlygy, psihologik çuňluk, gahrymanlaryň ruhy bitewiligi aýratyn tapawutlanýar. Andalyp diňe bir rowaýatlary gürrüň bermek bilen çäklenmän, olary täze mazmun bilen baýlaşdyrypdyr. Şeýlelikde, onuň eserleri diňe bir edebi däl, eýsem ahlak-terbiýeçilik ähmiýete hem eýedir.

Şahyryň dessanlarynda ynsanperwerlik, wepalylyk, hakykata ygrarlylyk, sabyr we päklik ýaly gymmatlyklar öňe sürülýär. Bu gymmatlyklar häzirki döwürde hem öz ähmiýetini ýitirmän, ýaş nesli terbiýelemekde möhüm ruhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Andalybyň döredijiligi türkmen edebiýatynyň ösüşinde baglanyşyklylyk ýörelgesini görkezýär: ol halk döredijiliginden gözbaş alyp, Gündogar nusgawy däpleri bilen sazlaşykly utgaşdyrylypdyr. Şeýlelikde, Andalyp milli we dünýä edebiýatynyň arasynda ruhy köpri bolup hyzmat edipdir.

Netije edip aýdanyňda, Nurmuhammet Andalybyň edebi mirasy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem umumadamzat medeni mirasynyň gymmatly bölegidir. Onuň döredijiligini täze ylmy esasda öwrenmek, dessançylyk däbiniň aýratynlyklaryny giňişleýin seljermek hem-de ýaş nesle ýetirmek häzirki döwrüň möhüm ylmy we medeni borjudyr.

## Peýdalanylan edebiýatlar:

1. Azady D. Türkmen edebiýatynyň taryhy. Aşgabat, 1980.

2. Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat instituty. Türkmen nusgawy edebiýaty boýunça gözlegler. Aşgabat, 1995.

3. Annaberdiýew, A. Türkmen dessanlary. Aşgabat, 2002.

4. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy. Nurmuhammet Andalyp: Saýlanan eserler. Aşgabat, 2010.

5. Ataýew K. XVIII asyr Türkmen edebiýaty. Aşgabat, 2010.

**Internet çeşmeleri:**

1. https://turkmenportal.com

2. https://kitap.gov.tm

3. https://science.gov.tm

4. https://medeniyet.gov.tm

INNOVATIVE ACADEMY